# Teñ

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Teñ TEÑ




Goşawuçlap gaýgy guýýar göwnüme,
Seniñ ümsümlige bürenip ýörşüñ.
Göýä Zemin münen ýaly egnime,
Ýegşerilip barýar dünýägaraýşym.
Uçupdyr ýanyña ruhum, pikirim,
A bärde galypdyr ýöreýän jeset.
Şamlygy bolmanka alahekegiñ,
Şol gury jesede bir gezek eset.

Öliñ şumlugynda öñüm garañky,
Ýoluma düşüpdir müñ çigin, epin.
Meñ öz günäm aç eşege ýük ahyr,
Jesetler götermez Zeminiñ ýükün.

Köñlüñe laý çökertmesin durmuşyñ,
Gam çekenñe mynasyp däl tañlygy.
Özüñ seslenmeseñ bozjak ýok ony,
Dowam eder sessizligiñ teñligi.

18.06.2023 ý. Goşgular